**BUÝRUK N173**
**22.05.2018ý.**

**Saglygy goraýyş edaralarynda dogluş we ölüm halatlaryny tassyklaýan resminamalaryň görnüşlerini hem-de olary ýöretmek boýunça resminamalary tassyklamak hakynda**

“Raýatlaryň saglygynyň goralmagy hakynda” Türkmenistanyň Kanunynyň, Türkmenistanyň Maşgala kodeksiniň 66-njy we 193-nji maddalarynyň hem-de Türkmenistanyň Prezidentiniň 2014-nji ýylyň 2-nji iýunynda çykaran 13682-nji karary bilen tassyklanan, Raýat ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysynyň edaralary hakynda Düzgünnamanyň esasynda, **buýurýaryn**:

1. Saglygy goraýyş edaralarynyň ilkinji saglygy goraýyş hasaba alyş resminamalarynyň görnüşleriniň sanawyny;

Dogluş hakynda lukmançylyk şahadatnamasynyň görnüşini (103/h);

Ölüm hakynda lukmançylyk şahadatnamasynyň görnüşini (106/h);

Perinatal ölümi hakynda lukmançylyk şahadatnamasynyň görnüşini (106-2/h);

Saglygy goraýyş edarasynda çaganyň goýlup gidilendigi hakynda ykrarnamanyň görnüşini (146/h);

Ölüm hakynda lukmançylyk şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň görnüşini (714/h);

Dogluş hakynda lukmançylyk şahadatnamalary hasaba alyş kitabynyň görnüşini (724/h);

Dogluş hakynda lukmançylyk şahadatnamasynyň doldurylşy we berlişi hakyndaky düzgünnamany;

Ölüm halatlaryny tassyklaýan saglygy goraýyş resminamalaryny ýöretmegiň tertibi hakyndaky düzgünnamany tassyklamaly (goşulýar).

2. Şu buýrugyň döwlet belligine alnan gününden başlap, 10 (on) iş gününiň dowamynda resmi çap edilmegini üpjün etmeli we resmi çap edilen güni bu barada Türkmenistanyň Adalat ministrligine habar bermeli.

3. Şu buýrugyň ýerine ýetirlişine ministriň orunbasary T.Siliýew gözegçilik etmeli.

**Ministr** **N.Amannepesow**

Türkmenistanyň Saglygy goraýyş we
derman senagaty ministriniň
2018-nji ýylyň 22-nji maýyndaky
173 belgili buýrugy bilen tassyklanyldy

## Saglygy goraýyş edaralarynyň ilkinji saglygy goraýyş hasaba alyş resminamalarynyň görnüşleriniň sanawy

| Tertip belgisi | Görnüşleriň ady | Görnüşiň belgisi | Ölçegi | Resmina manyň görnüşi | Saklanyş möhleti |
|---|---|---|---|---|---|
| 1. | Dogluş hakynda lukmançylyk şahadatnamasy | 103/h | A-4 | blank | Şadatnamanyň bölegi şadatnamany beren edarada 25 ýylyň dowamynda saklanýar |
| 2. | Ölüm hakynda lukmançylyk şahadatnamasy | 106/h | A-4 | blank | |
| 3. | Perinatal ölümi hakynda lukmançylyk şahadatnamasy | 106-2/h | A-4 | blank | |
| 4. | Saglygy goraýyş edarasynda çaganyň goýlup gidilendigi hakynda ykrarnama | 146/h | A-4 | blank | 25 ýyl |
| 5. | Ölüm hakynda lukmançylyk şahadatnamalary hasaba alyş kitaby | 714/h | A-4 | Daşly kitap 96 sahypa | 25 ýyl |
| 6. | Dogluş hakynda lukmançylyk şahadatnamalary hasaba alyş kitaby | 724/h | A-4 | Daşly kitap 96 sahypa | 25 ýyl |